# Käte özüm bilen özüm gepleşip…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Käte özüm bilen özüm gepleşip… Kerim GURBANNEPESOW

▶ Goşgy älemindäki iň ilkinji synanyşyklarymyň hemaýatkäri «Sowet Türkmenistany»gazetiniň şol mahalky redaktory Şamyrat Täşliýewe

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
…İň uly halypam Pyragy weli,
İlkinji ädimmi penalamakda
İlkinji goluny uzadan adam
Başga howandardy,başga kişidi.
Ol Pyragy däldi.Ýöne meň üçin
Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi.

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
…İň uly halypam Puşkindi weli,
Täze halypam hem halypalykda
Şonça iş edipdi.Ejiz setirlem
Şonuň emri bilen alga geçipdi.
Ýok ol Puşkin däldi.
Ýöne şo pursat
Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi.

Käte özüm bilen özüm gepleşip,
Pikire batýaryn halypa hakda.
…Ullakan halypam atamdy weli,
İkinjisi duşup ýowuz ýaşlykda,
Orakly atamyň ýetişmedigni

Kem-kemden taplapdy eli çekiçli.
Ýok,ol atam däldi,
Ýöne meñ üçin
Şondan ne uludy,
Ne-de kiçidi. Goşgular